“GARAGUM HAZYNASY”
Hususy kärhanasy

“GARAGUM HAZYNASY”
Individual enterprise

## Integrirlenen menejment ulgamy syýasaty

“Garagum hazynasy” Hususy kärhanasy 2019-njy ýylyň dekabrynda döredildi. Kärhana nebitgaz, energetika pudagynda hyzmatlary, import-eksport hyzmatlaryny, awtomobil ulaglarynda daşamalar hyzmatlaryny hödürleýär. Guramanyň esasy buýrujylary – döwlet kärhanalary we daşary ýurt kompaniýalarydyr. Ýokardaky işleri ýerine ýetirmek üçin kärhanada zerur rugsatnamalar, şahadatnamalar, ygtyýarnamalar bar. Edilýän hyzmatlar gyzyklanýan taraplaryň talaplaryna we isleglerine laýyk gelýär.

Kompaniýanyň missiýasy: Her hereketde ygtybarlylygyň kepilligi

Strategiki maksatlar:

- Nebitgaz pudagynda ekologiýa taslamalaryna gatnaşmak;
- Kärhananyň iş gerimini giňeltmek;
- Iş orunlaryny köpeltmek, ökde hünärli işgärleri saýlamak.

Goýlan maksatlara ýetmek üçin guramanyň ISO 9001:2015, ISO 14001:2015, ISO 45001:2018 halkara standartlarynyň talaplaryna laýyklykda integrirlenen menejment ulgamy bar, onuň çäkleri “Nebitgaz pudagynda enjamlaryny bejermek hyzmatlaryna” ýaýraýar. Ekologiki menejment ulgamynyň çäkleri – hyzmatlary etmek üçin zerur bolan bölekleri we sarp ediş materiallary önümçiliginden başlap, işlenen bölekleri we sarp ediş materiallaryny ýok etmegine çenli ýaýraýar.

Ýokarda aýdylanlara laýyk gelmek üçin kärhananyň ýolbaşçylary şu aşakdaky borçnamalary öz üstüne alýar:

- Türkmenistanyň kanunçylygynyň, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň, hem-de ISO 9001:2015, ISO 14001:2015, ISO 45001:2018 halkara standartlarynyň talaplaryny berjaý etmek;
- Hereket edýän integrirelenen menejment ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek;
- Kompaniýanyň işgärleriniň hünärlerini yzygiderli ýokarlandyrmak;
- Iş bilen baglanyşykly şikesleriň we saglygyň erbetleşmeginiň öňüni almak üçin saglyk üçin howpsuz we amatly iş şertleri bilen üpjün etmek;
- Saglygy goramak we zähmet howpsuzlygyny üpjün etmek pudagynda howplary aradan aýyrmak we töwekgelçilikleri azaltmak;
- Işgärler we olaryň wekilleri bilen maslahatlaşmak, şeýle hem saglygy goramak we zähmet howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çärelere gatnaşmagyny üpjün etmek;
- Hapalanmagyň öňüni almak we serişdeleri tygşytly ulanmak;
- Işiň ekologiki netijeliligini yzygiderli gowulandyrmak;
- Üstüne alnan borçnamalary ýerine ýetirmek.

“Garagum hazynasy” Hususy kärhanasynyň ýolbaşçylygy guramanyň syýasatyny berjaý etmegi, ony kärhananyň işgärleriniň dykgatyna ýetirmegi we onuň netijeliligini yzygiderli kämilleşdirmegi borçlanýar.

**Baş direktor** **B. Berdiýew**

TÜRKMENISTAN. AŞGABAT ŞÄHERI. HUSUSY KÄRHANASY «GARAGUM HAZYNASY»